# GIRDEJILER WE MAÝA ÜÇIN SALGYTLAR BABATDA IKI GEZEK SALGYT SALYNMAGYNY ARADAN AÝYRMAK HAKYNDA AWSTRIÝA RESPUBLIKASYNYŇ HÖKÜMETI BILEN TÜRKMENISTANYŇ HÖKÜMETINIŇ ARASYNDA KONWENSIÝA

Awstriýa Respublikasynyň Hökümeti we Türkmenistanyň Hökümeti,

girdejiler we maýa üçin salgytlar babatda iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak hakynda Konwensiýa baglaşmak isläp,

şu aşakdakylar barada ylalaşdylar:

## 1-NJI BÖLÜM
## KONWENSIÝANYŇ YLANYŞ ÇYGRY

### 1-nji madda
### Konwensiýa özleri barada ulanylýan taraplar

Şu Konwensiýa Ylalaşýan Döwletleriň biriniň ýa-da ikisiniň-de dahyllysy bolup durýan taraplar barada ulanylýar.

### 2-nji madda
### Konwensiýanyň täsir edýän salgytlary

1. Şu Konwensiýanyň täsiri Ylalaşýan Döwletiň ýa-da onuň dolandyryş-çäk birlikleri ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary tarapyndan girdejiler we maýa üçin salgytlaryň alynýan usulyna garamazdan, şol salgytlara täsir edýär.

2. Girdejileriň umumy möçberinden, maýanyň umumy möçberinden ýa-da girdejileriň ýa maýanyň aýry-aýry böleklerinden alynýan ähli salgytlar, şol sanda, gozgalýan ýa-da gozgalmaýan emlägi aýrybaşgalamakdan alynýan girdejiler üçin salgytlar, kärhanalar tarapyndan tölenilýän zähmet hakynyň ýa hak-heşdegiň umumy jeminden alynýan salgytlar, şeýle hem maýanyň bahasynyň artyşyndan alynýan salgytlar girdeji we maýa üçin salgytlar hasaplanylýar.

3. Özi üçin şu Konwensiýa ulanylýan bar bolan salgytlar, hususan-da:

a) Awstriýada:

i. girdeji salgydy (die Einkommensteuer);

ii. korparasion salgyt (die Körperschaftsteuer);

iii. ýer üçin salgyt (die Grundsteuer);

iv. oba hojalygy we tokaý hojalygynyň kärhanalary üçin salgyt (die Abgabe von land-und forstwirtschaftlichen Betrieben);

v. gurulmadyk ýer bölekleriniň ýanynda ýeriň alyş-çalyş bahasyny bermek (die Abgabe vom Bodenwert bei unbebauten Grundstücken);

(mundan beýläk – «Awstriýanyň salgydy» hökmünde atlandyrylýar) bolup durýar.

b) Türkmenistanda:

i. edara görnüşindäki taraplaryň peýdasy (girdejisi) üçin salgyt;

ii. şahsy taraplaryň girdejileri üçin salgyt;

iii. emläk üçin salgyt;

(mundan beýläk – «Türkmenistanyň salgydy» hökmünde atlandyrylýar);

4. Şeýle hem, şu Konwensiýa oňa gol çekilen seneden soň, häzirki salgytlara goşmaça ýa-da olaryň ýerine alynjak islendik birmeňzeş ýa-da barabar salgytlar babatda ulanylýar. Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralary özleriniň degişli salgyt kanunlaryna girizilen islendik düýpli üýtgetmeler barada bir-birine habar bererler.

## 2-NJI BÖLÜM
## KESGITLEMELER

### 3-nji madda
### Umumy kesgitlemeler

1. Eger-de ýazgydan başga many gelip çykmaýan bolsa, şu Konwensiýanyň maksatlary üçin:

a) «Awstriýa» adalgasy Awstriýa Respublikasyny aňladýar;

b) «Türkmenistan» adalgasy halkara hukugyna laýyklykda Türkmenistanyň özygtyýarly ýa-da ýurisdiksiýa hukuklaryny amala aşyrýan deňiz zolaklary (şol sanda kenarýaka we suwasty zolaklary) bilen bilelikde ýeriniň araçäklerini öz içine alýan çäklerini aňladýar;

ç) «tarap» adalgasy islendik şahsy tarapy, kompaniýany we taraplaryň islendik beýleki birleşigini aňladýar;

d) «kompaniýa» adalgasy islendik korporatiw birleşmäni ýa-da salgyt salmak maksatlary üçin korporatiw birleşme hökmünde garalýan islendik beýleki guramany aňladýar;

e) «kärhana» adalgasy islendik telekeçilik işini amala aşyrmak üçin ulanylýar;

f) «Ylalaşýan Döwletleriň biriniň kärhanasy» we «Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisiniň kärhanasy» diýen adalgalar degişlilikde Ylalaşýan Döwletleriň biriniň dahyllysy tarapyndan dolandyrylýan kärhanany we Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisiniň dahyllysy tarapyndan dolandyrylýan kärhanany aňladýar;

g) «halkara gatnatmasy» adalgasy hakyky dolandyryş ýeri Ylalaşýan Döwletleriň birinde ýerleşýän kärhana tarapyndan ulanylýan deňiz ýa-da howa gämisiniň amala aşyrýan islendik gatnatmasyny aňladýar, şeýle deňiz ýa-da howa gämisiniň diňe Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisinde ýerleşýän ýerleriň arasynda gatnatmak üçin ulanylýan halatlary muňa girmeýär;

h) «ygtyýarly edara» adalgasy:

(i) Awstriýada – Federal Maliýe ministrligini ýa-da onuň ygtyýarly edilen wekilini aňladýar;

(ii) Türkmenistanda – Türkmenistanyň Maliýe ministrligini we Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugyny ýa-da olaryň ygtyýarly edilen wekilini;

i) «milli tarap» adalgasy Ylalaşýan Döwletler babatda:

(i) şu Ylalaşýan Döwletiň raýatlygyna eýe bolan islendik şahsy tarapy;

(ii) şeýle derejeli hukuk ýagdaýyny şol Ylalaşýan Döwletde hereket edýän kanunlar esasynda alan islendik edara görnüşindäki tarapy, şereketi ýa-da assosiasiýany aňladýar;

j) «telekeçilik işi» adalgasy hünär hyzmatlaryny etmegi we garaşsyz häsiýetli beýleki işleri ýerine ýetirmegi öz içine alýar.

2. Eger ýazgydan başgaça many gelip çykmaýan bolsa, onda Ylalaşýan Döwletiň şu Konwensiýany islendik pursatda ulanan mahaly Konwensiýada kesgitlemesi berilmedik islendik adalga şol Döwletiň Konwensiýa degişli bolan salgytlar babatdaky kanunçylygynda şol pursatda oňa berilýän manysyna eýe bolýar, şunda şol Döwletiň hereket edýän salgyt kanunçylygyna laýyklykda islendik many şol adalga babatda şol Döwletiň beýleki kanunlaryna laýyklykda berilýän manydan ileri tutulýar.

## 4-nji madda
## Dahyllysy

1. Şu Konwensiýanyň maksatlary üçin «Ylalaşýan Döwletiň biriniň dahyllysy» adalgasy şol Döwletiň kanunçylygy boýunça ýaşaýan ýeri, hukuk salgysy, hemişelik bolýan ýeri, dolandyrýan ýeri ýa-da başga bir şuňa meňzeş islendik beýleki görkeziji esasynda şol Döwletde salgyt salynmaga degişli islendik tarapy aňladýar, şeýle hem şol Döwleti we onuň islendik syýasy birligini ýa-da ýerli

häkimiýet edarasyny öz içine alýar. Ýöne bu adalga diňe şol Döwletdäki çeşmeden alynýan girdejiler babatda ýa-da onda ýerleşýän maýa babatda şol Döwletde salgyt salynmaga degişli tarapy öz içine almaýar.

2. Eger şahsy tarap 1-nji bölümiň düzgünlerine laýyklykda Ylalaşýan Döwletleriň ikisiniň-de dahyllysy bolup durýan bolsa, onuň hukuk ýagdaýy aşakda görkezilişi ýaly kesgitlenýär:

a) ol diňe hemişelik we elýeterli ýaşaýyş jaýy ýerleşýän Döwletiň dahyllysy hasaplanýar; eger-de onuň Döwletleriň ikisinde-de hemişelik we elýeterli ýaşaýyş jaýy bar bolsa, onda ol haýsy Döwletde has ysnyşykly şahsy we ykdysady aragatnaşyklary (durmuş bähbitleriniň merkezi) bar bolsa, şol Döwletiň dahyllysy hasaplanýar;

b) eger onuň durmuş bähbitleriniň merkezi bar bolan Döwleti kesgitlenip bilinmejek bolsa ýa-da Döwletleriň hiç birinde hemişelik we elýeterli ýaşaýyş jaýy bolmasa, ol diňe adatça ýaşaýan Döwletiniň dahyllysy hasaplanýar;

ç) eger ol adatça Döwletleriň ikisinde-de ýaşaýan bolsa ýa-da adatça olaryň hiç birinde-de ýaşamaýan bolsa, ol diňe haýsy Döwletiň milli tarapy bolup durýan bolsa, diňe şol Döwletiň dahyllysy hasaplanýar;

d) eger ol Döwletleriň ikisiniň-de milli tarapy bolup durýan bolsa ýa-da olaryň hiç biriniň-de milli tarapy bolmasa, onda Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralary bu meseläni özara ylalaşmak boýunça çözmäge çalşarlar.

3. Eger şahsy tarap bolup durmaýan tarap 1-nji bölümiň düzgünlerine laýyklykda Ylalaşýan Döwletleriň ikisiniň-de dahyllysy bolup durýan bolsa, onda ol diňe özüniň hakyky dolandyryş ýeriniň ýerleşýän Döwletiniň dahyllysy hasaplanýar.

## 5-nji madda
## Hemişelik wekilçilik

1. Şu Konwensiýanyň maksatlary üçin «hemişelik wekilçilik» adalgasy kärhananyň telekeçilik işini doly ýa-da bölekleýin amala aşyrýan hemişelik ýerini aňladýar.

2. «Hemişelik wekilçilik» adalgasy, hususan-da şulary öz içine alýar:

a) dolandyryş ýerini;

b) bölümi;

ç) edarany;

d) fabrigi;

e) ussahanany, we

ä) şahtany, nebit ýa-da gaz guýusyny, karýeri ýa-da tebigy baýlyklary gözlemek, çykarmak we işläp geçmek bilen bagly başga bir islendik ýeri.

3. Gurluşyk meýdançasy ýa-da ýygnaýyş ýa-da gurnama desga eger diňe on iki aýdan uzak bolan halatda, hemişelik wekilçiligi emele getirýär.

4. Şu maddanyň ýokardaky düzgünlerine garamazdan, «hemişelik wekilçilik» adalgasy şulary öz içine almaýar:

a) desgalaryň şu kärhana degişli harytlary ýa-da önümleri diňe saklamak, görkezmek ýa-da ibermek maksatlary üçin ulanylmagyny;

b) kärhana degişli harytlaryň ýa-da önümleriň gorlarynyň diňe saklamak, görkezmek ýa-da ibermek maksatlary üçin saklanylmagyny;

ç) şu kärhana degişli harytlaryň ýa-da önümleriň gorlarynyň diňe başga bir kärhana tarapyndan gaýtadan işlemek maksatlary üçin saklanylmagyny;

d) hemişelik telekeçilik iş ýeriniň diňe harytlary ýa-da önümleri satyn almak maksatlary üçin ýa-da şu kärhana maglumatlary toplamak üçin saklanylmagyny;

e) hemişelik telekeçilik iş ýeriniň diňe şu kärhana üçin taýýarlyk görüji ýa-da kömekçi häsiýetli başga bir islendik işi amala aşyrmak maksady bilen saklanylmagyny;

ä) hemişelik telekeçilik iş ýeriniň diňe işiň a)-dan – e) çenli kiçi bölümlerde görkezilen görnüşlerini islendik usulda utgaşdyrmak üçin saklanylmagyny, hemişelik iş ýeriniň şeýle utgaşdyrma netijesinde ýüze çykýan jemi işi taýýarlyk görüji ýa-da kömekçi häsiýetli bolan şertinde.

5. 1-nji we 2-nji bölümleriň düzgünlerine garamazdan, eger-de 6-njy bölümde gürrüňi edilýän garaşsyz derejeli ýumuşçydan başga bir tarap Ylalaşýan Döwletde kärhanasynyň adyndan hereket edýän we şol kärhananyň adyndan şertnamalary baglaşmaga ygtyýarlyklary bar bolsa we adatça olary peýdalanýan bolsa, onda şol kärhana şol

tarapyň kärhananyň peýdasy üçin edýän islendik işi babatda şol Döwletde hemişelik wekilçiligi bar kärhana diýlip hasap edilýär; şol tarapyň 4-nji bölümde görkezilýän bilen çäklenmeýän işiniň görnüşleri hemişelik telekeçilik iş ýeriniň üsti bilen şu bölümiň düzgünlerine laýyklykda amala aşyrylýan bolsa-da, munuň özi hemişelik telekeçilik iş ýerini hemişelik wekilçilige öwrürmeýär.

6. Eger kärhana Ylalaşýan Döwletde telekeçilik işini diňe araçynyň, dellalyň ýa-da garaşsyz hukuk ýagdaýly başga bir islendik ýumuşçynyň üsti bilen amala aşyrýan bolsa, şol taraplaryň öz adaty telekeçilik işiniň çäklerinde hereket edýän şertlerinde kärhana şol Döwletde hemişelik wekilçiligi bar hökmünde seredilmeýär.

7. Bir Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolan kompaniýanyň Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisiniň dahyllysy bolan kompaniýa gözegçilik edýän ýa-da ol tarapyndan gözegçilik edilýän bolsa ýa-da şol beýleki Döwletde telekeçilik işini (ýa hemişelik wekilçiligiň üsti bilen ýa-da başga bir usulda) amala aşyrýan bolsa, bu ýagdaýyň özi şol kompaniýalaryň biriniň beýleki kompaniýanyň hemişelik wekilçiligine öwrülmegini aňlatmaýar.

## 3-NJI BÖLÜM
## GIRDEÝJILERE SALGYT SALYNMAGY

### 6-njy madda
### Gozgalmaýan emläkden girdejiler

1. Bir Ylalaşýan Döwletiň dahyllysynyň beýleki Ylalaşýan Döwletde ýerleşýän gozgalmaýan emläkden (şol sanda oba we tokaý hojalygyndan) alýan girdejilerine şol beýleki Döwletde salgytlar salnyp bilner.

2. «Gozgalmaýan emläk» adalgasy garalýan emlägiň ýerleşýän ýeri bolan Ylalaşýan Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda onuň bar bolan manysyna eýe bolýar. Bu adalga islendik halatda gozgalmaýan emläk babatdaky kömekçi emlägi, oba we tokaý hojalygynda ulanylýan mallary we enjamlary, özi barada ýer eýeçiligi babatdaky kanunçylygyň düzgünleri ulanylýan hukuklary, gozgalmaýan emlägiň uzufrukty hökmünde belli bolan hukuklary hem-de gazylyp alynýan peýdaly baýlyklaryň, çeşmeleriň we beýleki tebigy serişdeleriň ýataklaryny işläp geçmek üçin öwezini dolma hökmünde tölenýän üýtgeýän we kesgitli tölegler üçin hukuklary ýa-da gazylyp alynýan

peýdaly baýlyklaryň, çeşmeleriň we beýleki tebigy serişdeleriň ýataklaryny işläp geçmek üçin hukugy öz içine alýar; deňiz we howa gämilerine gozgalmaýan emläk hökmünde garalmaýar.

3. 1-nji bölümiň düzgünleri gozgalmaýan emlägi göni peýdalanmakdan, kärendä bermekden ýa-da başga bir islendik görnüşde peýdalanmakdan alynýan girdejiler babatda ulanylýar.

4. 1-nji we 3-nji bölümiň düzgünleri kärhananyň gozgalmaýan emläginden alynýan girdejiler babatda hem ulanylýar.

## 7-nji madda
## Telekeçilik işinden alynýan peýda

1. Eger Ylalaşýan Döwletleriň biriniň kärhanasy Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisinde ýerleşýän hemişelik wekilçiligiň üsti bilen şol ýerde telekeçilik işini amala aşyrmaýan bolsa, onda onuň peýdasyna diňe şol birinji Döwletde salgyt salynýar. Eger kärhana telekeçilik işini ýokarda agzalan görnüşde amala aşyrýan bolsa, onda beýleki Döwletde onuň peýdasynyň diňe şol hemişelik wekilçilige degişli bölegine salgyt salnyp bilner.

2. 3-nji bölümiň düzgünlerini nazara almak bilen, Ylalaşýan Döwletleriň biriniň kärhanasy Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisinde telekeçilik işini şol ýerde ýerleşýän hemişelik wekilçiligiň üsti bilen amala aşyrýan bolsa, onda şol wekilçiligiň hut şonuň ýaly ýa-da barabar şertlerde hut şonuň ýaly ýa barabar iş bilen meşgullanýan aýrybaşgalanan we aýratyn kärhana bolan hem-de özi hemişelik wekilçiligi bolan kärhanadan doly garaşsyz hereket edende alyp biljek peýdasy Ylalaşýan Döwletleriň her birinde şol hemişelik wekilçilige degişlidir.

3. Hemişelik wekilçiligiň peýdasynyň möçberi kesgitlenende, şeýle hemişelik wekilçiligiň maksatlary üçin çeken çykdajylarynyň, şol sanda dolandyryş we umumy dolandyryş çykdajylarynyň hemişelik wekilçiligiň ýerleşýän ýeri bolan Döwletde ýa-da onuň çäklerinden daşarda çekilendigine garamazdan, şol çykdajylaryň kemeldilmegine rugsat berilýär.

4. Eger Ylalaşýan Döwletde hemişelik wekilçilige degişli peýdany kärhananyň peýdasynyň umumy möçberini onuň dürli düzüm birlikleriniň arasynda barabarlykda paýlamak esasynda kesgitlemek adaty tejribe bolsa, onda 2-nji bölümde hiç bir zat bu Ylalaşýan Döwlete salgyt salynmaga degişli peýdany adaty tejribede kabul

edilen paýlamak usuly arkaly kesgitlemegi gadagan etmeýär; ýöne paýlamagyň saýlanyp alnan usuly şu maddada bar bolan ýörelgelere laýyk gelýän netijeleri bermelidir.

5. Hiç bir peýda diňe şol hemişelik wekilçiligiň kärhana üçin harytlary ýa önümleri satyn almagy esasynda şu hemişelik wekilçilige degişli edilip bilinmez.

6. Eger üýtgetmek üçin degerli we ýeterlik sebäpler bolmasa, ýokardaky bölümleriň maksatlary üçin, hemişelik wekilçilige degişli peýda her ýyl şol bir usul arkaly kesgitlenýär.

7. Eger peýda şu Konwensiýanyň beýleki maddalarynda aýratyn gürrüňi edilýän girdejileriň görnüşlerini öz içine alýan bolsa, onda şol maddalaryň düzgünlerine şu maddanyň düzgünleri täsir etmeýär.

## 8-nji madda
## Deňiz, içerki suw ulagy we howa arkaly gatnatmalar

1. Deňiz ýa-da howa gämilerini halkara gatnawynda ulanmakdan alynýan peýda diňe kärhananyň hakyky dolandyryş edarasy ýerleşýän Ylalaşýan Döwletde salgyt salynmaga degişlidir.

2. Gämileri içerki suw ýollarynda ulanmakdan alnan peýda diňe kärhananyň hakyky dolandyrylýan ýeri ýerleşýän Ylalaşýan Döwletde salgyt salynmaga degişlidir.

3. Eger deňiz gämi gatnaw kärhanasynyň hakyky dolandyrylýan ýeri deňiz ýa-da derýa gämisinde ýerleşýän bolsa, onda ol deňiz ýa-da derýa gämisiniň ýazylan porty ýerleşýän Ylalaşýan Döwletde, şeýle ýazylan port ýok ýagdaýynda bolsa – deňiz ýa-da derýa gämisini dolandyryjy öz dahyllysy bolan Ylalaşýan Döwletde ýerleşýär diýlip hasaplanýar.

4. 1-nji bölümiň düzgünleri ulag serişdelerini ulanmak boýunça pul-a, bilelikdäki kärhana ýa-da halkara guramasyna gatnaşmakdan alynýan peýda babatda hem ulanylýar.

## 9-njy madda
## Şärikli kärhanalar

1. Eger-de:

a) Bir Ylalaşýan Döwletiň kärhanasy Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisiniň kärhanasyny dolandyrmaga, oňa gözegçilik etmäge ýa-da onuň maýasyna göni ýa keseden gatnaşýan bolsa, ýa-da

b) şol bir taraplar Ylalaşýan Döwletleriň biriniň kärhanasyny we Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisiniň kärhanasyny dolandyrmaga, oňa gözegçilik etmäge ýa-da onuň maýasyna göni ýa keseden gatnaşýan bolsa,

we agzalan islendik halatlarda iki kärhananyň arasynda olaryň özara täjirçilik ýa-da maliýe gatnaşyklarynda iki garaşsyz kärhananyň arasynda bolmalydan tapawutlanýan şertler döredilýän ýa bellenilýän bolsa, onda olaryň biriniň adyna geçirilip bilinjek, ýöne şol şertleriň tapawutlylygy sebäpli geçirilmedik peýda şol kärhananyň peýdasyna goşulyp we degişlilikde oňa salgyt salnyp bilner.

2. Ylalaşýan Döwletleriň biri Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisiniň kärhanasyna şol beýleki Döwletde salgyt salnan peýdasyny birinji Döwletiň peýdasyna goşanda we degişlilikde salgyt salanda we şeýlelikde goşulan peýda iki kärhananyň arasyndaky gatnaşyklar iki garaşsyz kärhananyň arasyndaky ýaly bolan şertde, birinji agzalan Döwletiň kärhanasynyň adyna hasaplanylan peýda bolup durýan halatda şol beýleki Döwlet şol peýda üçin özünde hasaplanylan salgyt babatda degişli düzedişi giriziler. Şeýle düzediş kesgitlenende, şu Konwensiýanyň beýleki düzgünleri bolmalysy ýaly hasaba alynýar, Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralary bolsa, eger zerur bolanda, bir-biri bilen geňeşmeleri geçirýärler.

## 10-njy madda
## Diwidendler

1. Ylalaşýan Döwletleriň biriniň dahyllysy bolan kompaniýanyň Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisiniň dahyllysyna töleýän diwidendlerine şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. a) ýöne şeýle diwidendlere olary töleýän kompaniýa öz dahyllysy bolan Ylalaşýan Döwletde we onuň kanunçylygyna laýyklykda salgytlar salnyp bilner; emma diwidendleriň peýda alyjysy beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolup durýan bolsa, şeýle usulda alynýan salgyt diwidendleriň umumy möçberiniň 15 göteriminden geçmeli däldir.

b) Eger diwidendleri töleýän kompaniýanyň maýasynyň azyndan 25 göterimine göni eýelik edýän kompaniýa (ýöne şereket bolmadyk) peýda alýan bolsa, onda diwidendlere diňe peýda alyjy dahyllysy bolan Ylalaşýan Döwletde salgyt salynmalydyr;

Bu bölüm kompaniýa ujundan diwidendler tölenilýän peýda babatda salgyt salynmagyna täsir etmeýär.

3. «Diwidendler» adalgasy şu maddada ulanylanda paýnamalardan, «jouissance» paýnamalaryndan ýa-da «jouissance» hukuklaryndan (paýnamalara ýa-da olar üçin hukuklara ygtyýar etmek), dag magdan kompaniýalarynyň paýnamalaryndan, dörediş paýnamalaryndan we bergi talapnamalary bolup durmaýan, emma peýda gatnaşmaga hukuk berýän beýleki hukuklardan alynýan girdejini, şeýle hem peýdany paýlaýan kompaniýa öz dahyllysy bolan Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda, salgyt babatda paýnamalardan alynýan girdeji ýaly salgyt salynmaga degişli girdejini aňladýar.

4. Eger diwidendlerden peýda alyjy bir Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolmak bilen, diwidendleri töleýän kompaniýa öz dahyllysy bolan Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisinde telekeçilik işini şol ýerde ýerleşýän hemişelik wekilçiligiň üsti bilen amala aşyrýan bolsa we diwidendleri tölemek babatdaky gatnaşygy şol hemişelik wekilçilik bilen hakykatdan hem bagly bolsa, şu maddanyň 1-nji we 2-nji bölümleri ulanylmaýar. Şeýle halatda 7-nji maddanyň düzgünleri ulanylýar.

5. Eger Ylalaşýan Döwletleriň biriniň dahyllysy bolup durýan kompaniýa Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisinden peýda ýa-da girdeji alýan bolsa, onda şol beýleki Döwlet şol kompaniýanyň töleýän diwidendlerinden hiç bir salgyt alyp bilmez, şol diwidendler şol beýleki Döwletiň dahyllysyna tölenilýän ýa-da diwidendleri tölemek üçin esas bolýan gatnaşyk hakykatdan-da şol beýleki Döwletde ýerleşýän hemişelik wekilçilik bilen bagly bolsa hem-de kompaniýanyň paýlanylmadyk peýdasyna salgyt salnyp bilinmeýän bolsa, hatda tölenýän diwidendler ýa-da paýlanylmadyk peýda şol beýleki Döwletde emele gelýän peýdadan ýa-da girdejiden dolulygyna ýa-da bölekleýin ybarat bolsa, bu kada ulanylmaýar.

## 11-nji madda
## Göterimler

1. Ylalaşýan Döwletleriň birinde emele gelýän we Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisiniň dahyllysyna tölenilýän göterimlere şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. Emma, şeýle göterimlere olaryň emele gelýän Ylalaşýan Döwletinde hem şol Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda salgyt salyp

bilner, ýöne eger-de şu göterimlerden peýda alyjy beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolup durýan bolsa, şeýle usulda alynýan salgyt göterimleriň jemi möçberiniň 10 göteriminden köp bolmaly däldir. Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralary şu çäklendirmäni ulanmagyň usulyny özara ylalaşmak boýunça bellär.

3. 2-nji bölümiň düzgünlerine garamazdan, 1-nji bölümde agzalan göterimlere, eger göterimleriň hakyky eýesi Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolup durýan bolsa, we

a) bu Döwlet ýa-da Merkezi bank, syýasy birlik ýa-da onuň ýerli häkimiýet edaralary bolup durýan bolsa;

b) eger göterim onuň dörän Döwleti ýa-da onuň syýasy birligi, ýerli häkimiýet edarasy ýa-da kanun arkaly tassyklanan edarasy tarapyndan tölenen bolsa;

ç) eger göterim şol Döwlet ýa-da onuň syýasy birligi, ýerli häkimiýet edarasy ýa-da ony maliýeleşdiren eksport agentligi kepillendiren ýa-da ätiýaçlandyrylan halatda karz serişdeleri, bergi talaplary ýa-da karz babatda tölenmeli ýa-da tölenen bolsa, diňe alyjy dahyllysy bolan Ylalaşýan Döwletde salgyt salnar.

4. «Göterimler» adalgasy ulanylan mahaly ipoteka üpjünçiligine we bergidaryň girdejilerine gatnaşmak üçin hukugynyň barlygyna garamazdan, islendik görnüşdäki bergi talaplaryndan girdejini we, hususan-da, gymmatly hökümet kagyzlaryndan we obligasiýalaryndan ýa-da bergi borçnamalaryndan girdejileri, şol sanda şol gymmatly kagyzlar we borçnamalar ýa-da bergi borçnamalary boýunça baýraklary we utuşlary aňladýar. Wagty geçirilen tölegler üçin jerimelere şu maddanyň maksatlary üçin göterimler hökmünde garalmaýar.

5. Eger göterimlerden peýda alyjy Ylalaşýan Döwletleriň biriniň dahyllysy bolmak bilen, göterimler emele gelýän Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisinde telekeçilik işini şol ýerde ýerleşýän hemişelik wekilçiligiň üsti bilen amala aşyrýan bolsa hem-de göterimleriň tölenilmegine esas bolýan bergi talaby şeýle hemişelik wekilçilik bilen hakykatda hem bagly bolsa, 1-nji we 2-nji bölümleriň düzgünleri ulanylmaýar. Şeýle halatda 7-nji maddanyň düzgünleri ulanylýar.

6. Eger göterimleri töleýji Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolsa, göterimler şol Ylalaşýan Döwletde emele gelýär diýlip hasaplanýar. Emma, eger göterimleri töleýji tarapyň Ylalaşýan Döwletiň

dahyllysydygyna ýa-da däldigine garamazdan, Ylalaşýan Döwletde onuň göterimleriň tölenilmegi bilen bagly hemişelik wekilçiligi bar bolsa we şol göterimleri tölemek boýunça çykdajylary şeýle hemişelik wekilçilik çekýän bolsa, onda şeýle göterimler hemişelik wekilçilik ýerleşýän Döwletde emele gelýär diýlip hasaplanýar.

7. Eger göterimleriň töleýjisiniň we peýda alyjysynyň arasyndaky ýa-da olaryň ikisiniň we haýsydyr bir beýleki tarapyň arasyndaky aýratyn gatnaşyklar sebäpli göterimleriň tölenilmegine esas bolan bergi talabyna degişli göterimleriň jemi göterimleriň töleýjisiniň we peýda alyjysynyň arasynda şeýle gatnaşyklar ýok mahaly ylalaşylyp bilinjek möçberden köp bolsa, onda şu maddanyň düzgünleri diňe soňky agzalan möçber babatda ulanylýar. Şeýle halatda tölegiň artýan bölegi şu Konwensiýanyň beýleki düzgünlerini nazara almak bilen, Ylalaşýan Döwletleriň her biriniň kanunçylygyna laýyklykda salgyt salynmaga öňküsi ýaly degişlidir.

## 12-nji madda
## Awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan girdejiler

1. Ylalaşýan Döwletleriň birinde emele gelýän we peýda alyjy Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisiniň dahyllysy bolsa, tölenilýän awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan girdejilere şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. Emma şonuň ýaly awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan girdejilere olaryň emele gelýän Ylalaşýan Döwletinde şol Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda hem salgyt salnyp bilner, ýöne awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan şeýle girdejilerden peýda alyjy beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolup durýan bolsa, şeýle halatda alynýan salgyt awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan girdejileriň jemi möçberiniň 10 göteriminden köp bolmaly däldir. Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralary şu çäklendirmäni ulanmagyň usulyny özara ylalaşmak boýunça bellärler.

3. «Awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan girdejiler» adalgasy şu maddada ulanylan halatda islendik edebiýat, sungat ýa-da ylmy eserler, şol sanda kinofilmler, islendik patentler, söwda belgileri, dizaýn ýa-da modeller, çyzgylar, gizlin kesgitlemeler ýa-da amallar ulgamlary üçin awtorlyk hukuklarynyň peýdalanylmagy ýa-da

peýdalanmaga hukuk üçin hak-heşdek hökmünde alynýan islendik görnüşdäki tölegleri, şeýle hem senagat, täjirçilik ýa ylmy tejribä degişli maglumatlaryň peýdalanylandygy üçin hak-heşdek hökmünde alynýan islendik görnüşdäki tölegleri aňladýar.

4. Eger awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan girdejileriň peýda alyjysy Ylalaşýan Döwletleriň biriniň dahyllysy bolmak bilen, awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan girdejiler emele gelýän Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisinde telekeçilik işini şol ýerde ýerleşýän hemişelik wekilçiligiň üsti bilen amala aşyrýan bolsa we awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan tölenýän girdeji babatdaky hukuk ýa emläk şol hemişelik wekilçilik bilen hakykatda hem bagly bolsa, 1-nji we 2-nji bölümleriň düzgünleri ulanylmaýar. Şeýle halatda 7-nji maddanyň düzgünleri ulanylýar.

5. Awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan girdejileri töleýji Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolanda, olar şol Döwletde emele gelen diýlip hasaplanýar. Eger awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan girdejileri töleýän tarapyň Ylalaşýan Döwletiň dahyllysydygyna ýa-da däldigine garamazdan, onuň Ylalaşýan Döwletde awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan girdejiler tölenilýän berginiň emele gelmegi bilen bagly hemişelik wekilçiligi bar bolsa we şol awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan girdejileri tölemek üçin çykdajylary şeýle hemişelik wekilçilik çekýän bolsa, onda awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan girdejiler hemişelik wekilçilik ýerleşýän Döwletde emele gelýär diýlip hasaplanýar.

6. Eger awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan girdejileriň töleýjisiniň we peýda alyjysynyň arasyndaky ýa-da olaryň ikisiniň we haýsydyr bir beýleki tarapyň arasyndaky aýratyn gatnaşyklar sebäpli awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan tölenilmegine esas bolan peýdalanmaga hukuga ýa-da maglumata degişli awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalardan girdejileriň jemi möçberi töleýjiniň we peýda alyjynyň arasynda şeýle gatnaşyklar ýok mahaly ylalaşyp bilinjek möçberden köp bolsa, onda şu maddanyň düzgünleri diňe soňky agzalan möçber babatda ulanylýar. Şeýle halatda tölegiň artýan bölegi şu Konwensiýanyň beýleki düzgünlerini nazara almak bilen, Ylalaşýan Döwletleriň her biriniň kanunçylygyna laýyklykda salgyt salynmaga öňküsi ýaly degişlidir.

## 13-nji madda
## Maýanyň artyşy

1. Bir Ylalaşýan Döwletiň dahyllysynyň 6-njy maddada kesgitlemesi berlen we Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisinde ýerleşýän gozgalmaýan emlägi aýrybaşgalamakdan alýan girdejilerine şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. Ylalaşýan Döwletleriň biriniň kärhanasynyň Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisinde bar bolan hemişelik wekilçiliginiň täjirçilik emläginiň düzümine girýän gozgalýan emlägiň aýrybaşgalanmagyndan alynýan girdejilere, şol sanda şeýle hemişelik wekilçiligiň (aýratynlykda ýa-da tutuş kärhana bilen bilelikde) aýrybaşgalanmagyndan alynýan girdejilere şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

3. Halkara gatnawlarynda ulanylýan deňiz ýa-da howa gämileriniň, içerki suw ýollary boýunça gatnawlarda ulanylýan gämileriň ýa-da şeýle deňiz, howa ýa-da derýa gämileriniň ulanylmagy bilen baglanyşykly gozgalýan emlägiň aýrybaşgalanmagyndan alynýan girdejiler diňe bu kärhananyň hakyky dolandyrylýan ýeri ýerleşýän Ylalaşýan Döwletde salgyt salynmaga degişlidir.

4 Bir Ylalaşýan Döwletiň dahyllysynyň beýleki Ylalaşýan Döwletde ýerleşýän, bahasynyň 50 göterimden hem köpüsi gozgalmaýan emläk bilen gönüden-göni ýa-da gytaklaýyn bagly paýnamalarynyň aýrybaşgalanmagyndan alynýan girdejilere şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

5. 1, 2, 3 we 4-nji bölümlerde atlandyrylandan başga islendik emlägiň aýrybaşgalanmagyndan alynýan girdejiler diňe emlägi aýrybaşgalaýan tarap dahyllysy bolan Ylalaşýan Döwletde salgyt salynmaga degişlidir.

## 14-nji madda
## Hykynatutma işden alynýan girdejiler

1. 15, 17, 18 we 19-njy maddalaryň düzgünlerini nazara almak bilen, Ylalaşýan Döwletleriň biriniň dahyllysynyň hakynatutma iş bilen bagly alýan zähmet haky we şunuň ýaly beýleki tölegleri diňe şol Döwletde salgyt salynmaga degişlidir, hakynatutma işiň Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisinde amala aşyrylýan halatlary muňa girmeýär.

Eger hakynatutma boýunça iş şeýle görnüşde amala aşyrylýan bolsa, onda şunuň bilen bagly alnan tölege şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. 1-nji bölümiň düzgünlerine garamazdan, Ylalaşýan Döwletleriň biriniň dahyllysynyň Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisinde hakynatutma boýunça amala aşyrylýan iş bilen bagly alýan tölegine diňe birinji agzalan Döwletde salgyt salynýar, eger:

a) alyjy degişli salgyt ýylynda başlanýan we tamamlanýan islendik on iki aýyň dowamynda jemi alnanda 183 günden geçmeýän döwrüň ýa-da döwürleriň dowamynda beýleki Döwletde bolan ýagdaýynda, we

b) töleg şol beýleki Döwletiň dahyllysy bolmadyk hakyna tutujy tarapyndan ýa-da onuň adyndan tölenilýän bolsa, we

ç) tölegleri tölemek boýunça çykdajylary hakyna tutujynyň şol beýleki Döwletdäki hemişelik wekilçiligi çekmeýän bolsa.

3. Şu maddanyň ýokardaky düzgünlerine garamazdan, halkara gatnawlarynda ulanylýan deňiz ýa-da howa gämisinde ýa-da içerki suw ýollary boýunça ulanylýan gämide hakynatutma boýunça amala aşyrylýan iş bilen bagly alynýan tölege bu kärhananyň hakyky dolandyrylýan ýeri ýerleşýän Ylalaşýan Döwletde salgyt salnyp bilner.

## 15-nji madda
## Direktorlaryň gonorarlary

Direktorlaryň gonorarlaryna we Ylalaşýan Döwletleriň biriniň dahyllysynyň Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisiniň dahyllysy bolan kompaniýanyň direktorlar geňeşiniň agzasy hökmünde alýan şonuň ýaly tölegleriňe şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

## 16-njy madda
## Artistler we türgenler

1. 7-nji we 14-nji maddalaryň düzgünlerine garamazdan, Ylalaşýan Döwletleriň biriniň dahyllysynyň teatryň, kinonyň, radionyň ýa-da telewideniýäniň artisti ýa-da sazanda ýaly sungat işgäri hökmünde ýa-da türgen hökmünde Ylalaşýan Döwletleriň

beýlekisinde amala aşyrýan öz şahsy işinden alýan girdejisine şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. Eger sungat işgäriniň ýa-da türgeniň amala aşyrýan şahsy işinden girdeji sungat işgäriniň ýa-da türgeniň öz adyna däl-de, başga bir tarapyň adyna hasaplanyp ýazylýan bolsa, onda 7-nji we 14-nji maddalaryň düzgünlerine garamazdan, şol girdejä sungat işgäriniň ýa-da türgeniň işi amala aşyrylýan Ylalaşýan Döwletde salgyt salnyp bilner.

## 17-nji madda
## Pensiýalar

18-nji maddanyň 2-nji bölüminiň düzgünlerini nazara almak bilen, Ylalaşýan Döwletiň dahyllysyna öňki hakynatutma iş bilen bagly tölenilýän pensiýalar we şunuň ýaly beýleki tölegler diňe şol Döwletde salgyt salynmaga degişlidir.

## 18-nji madda
## Döwlet gullugyndan girdejiler

1. a) Ylalaşýan Döwlet ýa-da onuň dolandyryş-çäk birligi, ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasy ýa-da kanun arkaly tassyklanan edarasy tarapyndan şol Döwlete, onuň birligine ýa bolmasa edarasyna amala aşyrylan iş üçin pensiýadan başga tölenýän zähmet haky we başga bir şunuň ýaly tölegi diňe şol Döwletde salgyt salynmaga degişlidir;

b) emma şeýle zähmet haky we beýleki şunuň ýaly tölegler diňe Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisinde salgyt salynmaga degişlidir, munuň üçin gulluk şol Döwletde edilmeli we şahsy tarap şol Döwletiň dahyllysy bolmaly, ol:

(i) şol Döwletiň milli tarapy bolmaly, ýa-da

(ii) diňe gulluk etmek maksady bilen, şol Döwletiň dahyllysy bolmadyk bolmaly.

2. a) 1-nji bölümiň düzgünlerine garamazdan, Ylalaşýan Döwlet, onuň dolandyryş-çäk birligi, ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasy ýa-da kanun arkaly döredilen edarasy ýa olaryň döreden gaznalary tarapyndan şahsy tarapa şol Döwlete, onuň birligine ýa bolmasa edarasyna eden gullugy üçin tölenilýän pensiýa we beýleki şunuň ýaly tölegler diňe şol Döwletde salgyt salynmaga degişlidir.

b) Emma şahsy tarap Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisiniň dahyllysy ýa-da milli tarapy bolsa, şeýle pensiýa we beýleki şunuň ýaly tölegler diňe şol beýleki Döwletde salgyt salynmaga degişlidir.

3. 14, 15, 16 we 17-nji maddalaryň düzgünleri Ylalaşýan Döwletiň, onuň dolandyryş-çäk birliginiň, ýerli häkimiýet edarasynyň ýa-da kanun arkaly tassyklanan edarasynyň telekeçilik işi bilen bagly amala aşyran gullugy üçin zähmet haky, pensiýalar we beýleki şunuň ýaly tölegler babatda ulanylýar.

## 19-njy madda
## Talyplar

1. Ylalaşýan Döwletleriň birine gelmeginden öň Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisiniň dahyllysy bolan we birinji agzalan Döwletde diňe okamak ýa-da tejribe geçmek maksady bilen bolýan talyp ýa-da tejribe toplaýjy tarapyndan öz ýaşamagy, okamagy ýa-da tejribe geçmek maksatlary üçin alýan tölegleri şol Döwletiň çäkleriniň daşyndaky çeşmelerden döreýän bolsa, şeýle töleglere salgyt salynmaýar.

2. Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolup durýan ýa-da ozal bolan talybyň ýa-da tejribe toplaýjynyň garalýan fiskal ýylynda beýleki Ylalaşýan Döwletde jemi 183 günden geçmeýän döwrüň ýa-da döwürleriň dowamynda amala aşyran işinden alýan hak-heşdegine, eger iş birinji ýatlanan Döwletde onuň amala aşyran barlaglary ýa-da tejribe toplamagy bilen gönüden-göni bagly bolsa, şol beýleki Döwletde salgyt salynmaz.

## 20-nji madda
## Beýleki girdejiler

1. Ylalaşýan Döwletiň biriniň dahyllysynyň girdejileriniň şu Konwensiýanyň ýokardaky maddalarynda görkezilmedik görnüşleri, dörän çeşmesine garamazdan, diňe şol Döwletde salgyt salynmaga degişlidir.

2. Eger 6-njy maddanyň 2-nji bölüminde kesgitlemesi berlen gozgalmaýan emläkden alynýan girdejileriň alyjysy Ylalaşýan Döwletleriň biriniň dahyllysy bolmak bilen, Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisinde telekeçilik işini şol ýerde ýerleşýän hemişelik wekilçiligiň üsti bilen amala aşyrýan bolsa we özi babatda girdeji tölenýän hukuk ýa-da emläk şeýle hemişelik wekilçilik bilen

hakykatdan-da bagly bolsa, onda 1-nji bölümiň düzgünleri 6-njy maddanyň 2-nji bölüminde kesgitlenmesi berlen gozgalmaýan emläkden alynýandan başga girdejiler babatda ulanylmaýar. Şeýle halatda 7-nji maddanyň düzgünleri ulanylýar.

## 4-nji BÖLÜM
## MAÝA BABATDA SALGYT SALYNMAGY

### 21-nji madda
### Maýa

1. 6-njy maddada ýatlanan, Ylalaşýan Döwletleriň biriniň dahyllysyna degişli bolup durýan we Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisinde ýerleşýän gozgalmaýan emläk görnüşindäki maýa şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. Ylalaşýan Döwletleriň biriniň kärhanasynyň Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisinde bar bolan hemişelik wekilçiliginiň täjirçilik emläginiň bir bölegi bolan gozgalýan emläk görnüşindäki maýa şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

3. Halkara gatnawlarynda ulanylýan deňiz ýa-da howa gämileri ýa-da içerki suw ýollary boýunça ulanylýan gämiler görnüşindäki, şeýle hem  şeýle deňiz, howa we derýa gämilerini ulanmak bilen baglanyşykly gozgalýan emläk görnüşindäki maýa diňe bu kärhananyň hakyky dolandyrylýan ýeri ýerleşýän şol Döwletde salgyt salynmaga degişlidir.

4. Ylalaşýan Döwletiň dahyllysynyň maýasynyň ähli beýleki bölekleri diňe şol Döwletde salgyt salynmaga degişlidir.

## 5-nji BÖLÜM
## IKI GEZEK SALGYT SALMAGY ARADAN AÝYRMAGYŇ USULLARY

### 22-nji madda
### Iki gezek salgyt salmagy aradan aýyrmagyň usullary

Iki gezek salgyt salmak şu ýagdaýda aradan aýrylmalydyr:

1. Awstriýada:

a) eger Awstriýanyň dahyllysynyň alýan girdejisine ýa-da eýelik

edýän maýasyna şu Konwensiýanyň düzgünlerine laýyklykda Türkmenistanda salgyt salnyp bilinjek bolsa, onda Awstriýa:

i) şeýle dahyllynyň Türkmenistanda tölän salgydyna barabar möçberini girdeji üçin salgydyndan kemeltmäge rugsat berýär;

ii) şeýle dahyllynyň Türkmenistanda tölän salgydyna barabar möçberini maýa üçin salgydyndan kemeltmäge rugsat berýär.

Kemeldilýän şeýle möçberler ýagdaýa baglylykda islendik halatda girdeji üçin ýa-da maýa üçin salgydyň kemeldilmegine rugsat berilmeginden öň hasaplanan, Türkmenistanda salgyt salnyp bilinjek girdejä ýa-da maýa degişli böleginden köp bolmaz.

b) Eger özbaşdak işjeň telekeçilik işi bilen meşgullanýan Awstriýanyň dahyllysynyň alýan girdejisine 7-nji maddanyň düzgünlerine laýyklykda Türkmenistanda salgyt salnyp bilinjek bolsa, onda a) kiçi bölümine garamazdan, Awstriýa şeýle girdejini salgyt salmakdan boşadýar.

ç) Eger Awstriýanyň dahyllysynyň şu Konwensiýasynyň islendik düzgünine laýyklykda alýan girdejisi ýa-da eýelik edýän maýasy Awstriýada salgytdan boşadylýan bolsa, onda Awstriýa muňa garamazdan, bu dahyllynyň girdejisiniň ýa-da maýasynyň galan bölegine salgydyň möçberi hasaplananda, onuň salgytdan boşadylan girdejisini ýa-da maýasyny hasaba alyp biler.

2. Türkmenistanda:

a) eger Türkmenistanyň dahyllysynyň alýan girdejisine ýa-da eýelik edýän maýasyna Awstriýada şu Konwensiýanyň düzgünlerine laýyklykda salgyt salnyp bilinjek bolsa, onda Türkmenistan:

i) şeýle dahyllynyň Awstriýada tölän salgydyna barabar möçberini girdeji üçin salgydyndan kemeltmäge rugsat berýär;

ii) şeýle dahyllynyň Awstriýada tölän salgydyna barabar möçberini maýa üçin salgydyndan kemeltmäge rugsat berýär.

Kemeldilýän şeýle möçberler ýagdaýa baglylykda islendik halatda girdeji üçin ýa-da maýa üçin salgydyň kemeldilmegine rugsat berilmeginden öň hasaplanan, Awstriýada salgyt salnyp bilinjek girdejä ýa-da maýa degişli böleginden köp bolmaz.

b) Eger Türkmenistanyň dahyllysynyň şu Konwensiýasynyň islendik düzgünine laýyklykda alýan girdejisi ýa-da maýasy Türkmenistanda salgytdan boşadylýan bolsa, onda Türkmenistan

muňa garamazdan, bu dahyllynyň girdejisiniň ýa-da maýasynyň galan bölegine salgydyň möçberi hasaplananda, onuň salgytdan boşadylan girdejisini ýa-da maýasyny hasaba alyp biler.

## 6-njy BÖLÜM
## AÝRATYN DÜZGÜNLER

### 23-nji madda
### Kemsitmezlik

1. Ylalaşýan Döwletleriň biriniň milli taraplary Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisinde şol beýleki Döwletiň milli taraplarynyň hut şol ýagdaýlarda, hususan-da, dahyllylyk babatda sezewar edilýän ýa-da sezewar edilip bilinjek islendik salgyt salmakdan ýa bolmasa onuň bilen bagly islendik talaplardan başga ýa-da has agyr salgyt salmaga ýa bolmasa onuň bilen bagly borçlara sezewar edilmeli däldir. Şu düzgün 1-nji maddanyň düzgünlerine garamazdan, Ylalaşýan Döwletleriň biriniň ýa-da ikisiniň-de dahyllysy bolup durmaýan şahsy taraplar babatda hem ulanylýar.

2. Ylalaşýan Döwletleriň biriniň dahyllylary bolup durýan raýatlygy ýok adamlar Ylalaşýan Döwletleriň hiç birinde gyzyklanýan Döwletiň milli taraplarynyň hut şol ýagdaýlarda, hususan-da, dahyllylyk babatda sezewar edilýän ýa-da sezewar edilip bilinjek islendik salgyt salmakdan ýa bolmasa onuň bilen bagly islendik talaplardan başga ýa-da has agyr salgyt salmaga ýa bolmasa onuň bilen bagly talaplara sezewar edilmeli däldir.

3. Ylalaşýan Döwletleriň biriniň kärhanasynyň Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisindäki hemişelik wekilçiligine salgyt salmak düzgüniniň amatlylygy şol beýleki Döwletde şonuň ýaly işi amala aşyrýan kärhanalar babatda salgyt salmak düzgüninden amatsyz bolmaly däldir. Şu düzgün Ylalaşýan Döwletleriň birini öz dahyllylaryna olaryň raýatlyk ýagdaýy ýa maşgala ýagdaýlary esasynda salgyt salmak babatda üpjün edýän haýsydyr bir şahsy ýeňillikleri, indirimlerini we kemeldilmelerini Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisiniň dahyllysyna üpjün etmäge borçly edýän hökmünde düşündirilmeli däldir.

4. 9-njy maddanyň 1-nji bölüminiň, 11-nji maddanyň 6-njy bölüminiň ýa-da 12-nji maddanyň 4-nji bölüminiň düzgünleri ulanylýandan başga halatlarda Ylalaşýan Döwletleriň biriniň

kärhanasynyň Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisiniň dahyllysyna töleýän göterimleri, roýaltileri we beýleki tölegleri şeýle kärhananyň salgyt salynýan peýdasyny kesgitlemek maksady bilen, olar ady birinji agzalan Döwletiň dahyllysyna tölenendäki ýaly şertlerde kemeldilmäge degişlidir. Hut şonuň ýaly, Ylalaşýan Döwletleriň biriniň kärhanasynyň Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisiniň dahyllysyna islendik bergisi şol kärhananyň salgyt salynýan maýasyny kesgitlemek maksady bilen, birinji ady agzalan Döwletiň dahyllysyna tölenen ýaly, şol bir şertlerde kemeldilmäge degişlidir. Ylalaşýan Döwletiň biriniň kärhanasynyň beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysyna şeýle görnüşdäki islendik bergileri şeýle kärhananyň salgyt salynýan maýasyny kesgitlemek maksady bilen, şol sanda birinji agzalan döwletiň dahyllysynyň bergileri şol bir şertlerde kemeldilmäge degişlidir,

5. Ylalaşýan Döwletleriň biriniň maýasy Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisiniň bir ýa-da birnäçe dahyllysyna doly ýa-da bölekleýin degişli bolan ýa-da onuň bir ýa-da birnäçe dahyllysy tarapyndan gönüden-göni ýa-da gytaklaýyn gözegçilik edilýän kärhanalaryna ady birinji agzalan Döwletde onuň şonuň ýaly kärhanalary babatda ulanylýandan başga ýa-da has agyr islendik salgyt salynmaly däldir ýa-da olar şonuň bilen bagly islendik talaplara sezewar edilmeli däldir.

6. 2-nji maddanyň düzgünlerine garamazdan, şu maddanyň düzgünleri islendik kysymly we görnüşli salgytlar babatda ulanylýar.

## 24-nji madda
## Özara ylalaşmak amaly

1. Eger tarap Ylalaşýan Döwletleriň biriniň ýa-da ikisiniň-de hereketleri şu Konwensiýanyň düzgünlerine laýyk gelmeýän salgytlaryň salynmagyna getirýär ýa-da getirer diýip hasap edýän bolsa, ol şu Döwletleriň içerki kanunçylyklarynda göz öňünde tutulan gorag serişdelerine garamazdan, arzasyny garamak üçin özi dahyllysy bolup durýan Ylalaşýan Döwletiň, ýa bolmasa onuň işi 23-nji maddanyň 1-nji bölüminiň täsirine düşýän bolsa, onda özi milli tarapy bolan Ylalaşýan Döwletiň ygtyýarly edaralaryna berip biler. Arza şu Konwensiýanyň düzgünlerine laýyk gelmeýän salgytlaryň salynmagyna getirýän hereketler hakyndaky ilkinji habarnamanyň iberilen pursadyndan başlap, üç ýylyň dowamynda berilmelidir.

2. Ygtyýarly edara arzany esasly diýip hasap etse we özi kanagatlanarly çözgüde gelip bilmese, ol şu Konwensiýa laýyk gelmeýän salgytlaryň salynmagyny aradan aýyrmak maksady bilen, işi beýleki Ylalaşýan Döwletiň ygtyýarly edarasy bilen özara ylalaşmak boýunça çözmäge çalşar. Islendik gazanylan ylalaşyk Ylalaşýan Döwletleriň içerki kanunçylygynda bar bolan haýsydyr bir wagtlaýyn çäklendirmelere garamazdan, ýerine ýetiriler.

3. Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralary şu Konwensiýa düşündirilen ýa-da ulanylan mahaly ýüze çykýan islendik kynçylyklary ýa-da şübhelenmeleri özara ylalaşmak boýunça çözmäge çalşar. Şeýle hem, olar şu Konwensiýada göz öňünde tutulmaýan ýagdaýlarda iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak maksady bilen, bir-biri bilen geňeşip biler.

4. Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralary ýokardaky bölümlere düşünmekde ylalaşyk gazanmak maksady bilen, şol sanda şol ygtyýarly edaralaryň özlerinden ýa-da olaryň wekillerinden ybarat bilelikdäki topary döretmek arkaly, bir-biri bilen göni gatnaşykda bolup biler.

## 25-nji madda
## Maglumatlary alyşmak

1. Şeýle derejede salgyt salynmagy şu Konwensiýa ters gelmeýän bolsa, Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralary şu Konwensiýanyň düzgünlerini ýerine ýetirmek ýa-da Ylalaşýan Döwletleriň, ýa bolmasa olaryň syýasy-çäk birliginiň, ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasynyň adyndan alynýan salgytlaryň islendik görnüşine we kysymyna degişli içerki kanunçylygyny dolandyrmak ýa-da ulanmak üçin zerur bolan düýpli maglumatlary alyşýarlar. Maglumatlary alyşmak 1-nji we 2-nji maddalar bilen çäklenmeýär.

2. Ylalaşýan Döwletleriň biriniň 1-nji bölüme laýyklykda alan islendik maglumaty şol Döwletiň milli kanunçylygyna laýyklykda alnan maglumat ýaly gizlin hasap edilýär hem-de diňe 1-nji bölümde görkezilen salgytlara degişli maglumatlara baha bermek ýa olary toplamak, mejbury ýagdaýda töletdirmek ýa-da kazyýet taýdan yzarlamak, ýa bolmasa şikaýatlara garamak, şeýle hem ähli ýokarda görkezilenlere gözegçilik etmek bilen meşgullanýan taraplara ýa-da edaralara (şol sanda kazyýetlere we dolandyryş edaralaryna) habar berilýär. Şeýle taraplar ýa-da edaralar şol maglumatlary diňe

görkezilen maksatlar bilen peýdalanýarlar. Olar şol maglumatlary açyk kazyýet mejlisiniň barşynda ýa-da kazyýet çözgütleri kabul edilende aýan edip bilerler. Hatda şeýle halatlarda maglumatlary berýän tarap bilen bagly gizlinlikden diňe beýleki tarapyň kanuny bähbitlerini ýa-da köplenç halatda jemgyýetçiltk bähbitlerini gorap saklamak üçin zerur bolşuna görä boýun gaçyryp bolar. Ýokarda aýdylanlara garamazdan, Ylalaşýan Döwlet tarapyndan alnan maglumat iki Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda başga maksatlar üçin ulanylyp bilinjek bolsa, şol maglumat şeýle başga maksatlar üçin ulanylyp bilner we şeýle maglumaty beren Döwletiň ygtyýarly edarasy olary ulanmaga rugsat berýär.

3. Hiç bir halatda 1-nji we 2-nji bölümleriň düzgünleri Ylalaşýan Döwletiň üstüne aşakda görkezilen borçlary ýükleýän hökmünde düşündirilmez:

a) Ylalaşýan Döwletleriň biriniň ýa-da beýlekisiniň kanunçylygyna ýa-da dolandyryş tejribesine garşy gelýän dolandyryş çärelerini geçirmek;

b) Ylalaşýan Döwletleriň biriniň ýa-da beýlekisiniň kanunçylygy boýunça we dolandyryşynyň barşynda alyp bolmaýan maglumatlary bermek;

ç) söwda, telekeçilik, senagat, täjirçilik ýa-da hünär syryny, ýa söwda amalyny aýan etjek maglumatlary, ýa bolmasa aýan edilmegi döwlet syýasatyna (orde public) ýa-da Döwlet tarapyndan berlen esasy hukuklara, aýratyn-da maglumatlary goramak babatdaky hukuklara garşy geljek maglumatlary bermek.

4. Eger şu madda laýyklykda maglumat Ylalaşýan Döwletleriň biri tarapyndan soralan bolsa, şeýle maglumatyň şol beýleki Döwlete onuň hususy salgyt maksatlary üçin zerurlygy bolmasa-da, Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisi soralan maglumaty almak üçin maglumat ýygnamak boýunça öz çärelerini ulanmalydyr. Ýokardaky sözlemde beýan edilen borçnama 3-nji bölümiň düzgünleri bilen çäklendirilýär, ýöne hiç bir halatda şeýle çäklendirmeler Ylalaşýan Döwlete şol maglumata diňe içerki gyzyklanmanyň ýoklugy sebäpli, ony bermekden ýüz döndermäge rugsat berýän hökmünde düşündirilip bilinmez.

5. Hiç bir halatda 3-nji bölümiň düzgünleri Ylalaşýan Döwlete diňe maglumatyň eýesi bolup bankyň, beýleki maliýe edarasynyň, ýönekeý saklaýjynyň ýa-da ýumuşçy ýa bolmasa işler ynanylan wekil

bolup durýan tarapyň çykyş edýändigi, ýa-da şol maglumatyň tarapyň eýeçilik hukuklaryna degişlidigi sebäpli, maglumaty bermekden ýüz döndermäge rugsat berýän hökmünde düşündirilmez.

## 26-njy madda
## Diplomatik wekilhanalaryň we konsullyk edaralaryň işgärleri

Şu Konwensiýanyň hiç bir düzgüni diplomatik wekilhanalaryň we konsullyk edaralaryň işgärleriniň halkara hukugynyň umumy kadalary bilen ýa-da ýörite ylalaşyklaryň düzgünleri esasynda berlen salgyt ýeňilliklerine täsir etmeýär.

# 7-nji BÖLÜM
# JEMLEÝJI DÜZGÜNLER

## 27-nji madda
## Güýje girmegi

1. Şu Konwensiýa tassyklanmaga degişlidir we tassyklaýyş hatlaryny alyşmak gysga möhletlerde geçiriler.

2. Şu Konwensiýa tassyklaýyş hatlary alşylýan üçünji aýyň birinji güni güýje girer we onuň düzgünleri:

a) çeşmesinden alynýan salgytlar babatda – Konwensiýa güýje giren ýyldan soňky senenama ýylynyň ýanwar aýynyň birinde ýa şondan soň tölenilýän girdejileriň möçberleri barada;

b) girdeji we maýa üçin beýleki salgytlar babatda – Konwensiýa güýje giren ýyldan soňky senenama ýylynyň ýanwar aýynyň birinde ýa şondan soň başlanýan islendik salgyt ýyly üçin tölemäge degişli şeýle salgytlar barada ulanylar.

## 28-nji madda
## Hereketiniň bes edilmegi

Şu Konwensiýa Ylalaşýan Döwletleriň biri onuň hereketini bes edýänçä güýjünde galýar. Ylalaşýan Döwletleriň her biri şu Konwensiýa güýje giren senesinden başlap bäşýyllyk döwürden soň gelýän islendik senenama ýylynyň tamamlanmagyna azyndan alty aýdan gijä galman, Konwensiýany bes etmek hakyndaky

habarnamany diplomatik ýollar bilen ibermek arkaly ony bes edip biler.

Şeýle halatda Konwensiýa bes etmek hakyndaky habarnama iberilen senenama ýylyndan soňky ýylyň ýanwar aýynyň 1-nde ýa 1-nden soň alnan, islendik ýylda döreýän girdejiler babatda we bes etmek hakyndaky habarnama iberilen senenama ýylyndan soňky islendik girdeji ýylynyň tamamlanmagyna çenli eýeçilik bolup durýan maýa babatda öz hereketini bes edýär.

Muňa güwä geçmek hökmünde, degişli derejede ygtyýarly edilen aşakda gol çekenler şu Konwensiýa gol çekdiler.

Wena şäherinde 2015-nji ýylyň 12-nji maýynda nemes, türkmen, rus, we iňlis dillerinde iki nusgada amal edildi, özi-de ähli dört nusganyň hem birmeňzeş güýji bardyr. Islendik nusgalaryň arasynda tapawutlar bolan halatda iňlis dilindäki nusga iş nusgasy bolup durýar.

| Awstriýa Respublikasynyň Hökümetiniň adyndan | Türkmenistanyň Hökümetiniň adyndan |
|---|---|
| Michael Linhart m.p. | Gurbanguly Berdimuhamedow m.p. |

# TESWIRNAMA

Awstriýa Respublikasynyň Hökümeti bilen Türkmenistanyň Hökümetiniň arasynda şol gün baglaşylan Girdejiler we maýa üçin salgytlar babatdaky Konwensiýa gol çekilen pursadynda aşakda gol çekenler aşakdaky şertleri Konwensiýanyň aýrylmaz bölegi bolup durmagyny ylalaşdylar:

1. 25-nji madda babatda:

i. Arza berijiniň Döwletiniň ygtyýarly edarasy ýüztutma üçin maglumatlaryň möhümdigini görkezmek bilen, Konwensiýa laýyklykda maglumatlary bermek hakynda ýüztutma berip, ýüz tutýan Döwletiň ygtyýarly edarasyna şu maglumatlary bermelidir:

a) seljerme ýa-da barlag geçirilende tarapyň şahsyýeti baradaky;

b) maglumatyň tassyklanandygy, şol sanda ýüz tutulýan Döwletden gatnaşýan Döwletiň almak isleýän maglumatynda onuň döremegi we görnüşi baradaky;

ç) onuň soraýan maglumatynyň salgyt maksatlary üçin ulanyljakdygy baradaky;

d) soralýan maglumatyň ýüz tutulýan Döwlete geçirilendigi ýa-da ýüz tutýan Döwletiň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde tarapyň ýurisdiksiýasynda ýa-da dolandyrmagynda durýandygy üçin esas baradaky;

e) soralýan maglumata eýelik edýän islendik ynanylan tarapyň ady we salgysy baradaky;

ä) ýüztutma berlen Döwletiň ýolunda barabar bolmadyk kynçylyklary bolmadyk maglumatlardan başga maglumatlary almak üçin öz çäginde ähli elýeterli serişdeleri peýdalanandygynyň tassyklanýandygy baradaky.

ii. 25-nji maddada görkezilen maglumatlary alyşmak «balykçylar ekspedisiýasyna« (kazyýete çenli çäreleri geçirmäge) esaslanýan çäreleri öz içine almaýandygy aňladylýar.

iii. 25-nji maddanyň 5-nji bölümi Ylalaşýan Döwletleri gönüden-göni ýa-da awtomatik esasda maglymatlary alyşmaga borçly etmeýändigi aňladylýar.

iv. Ýokarda agzalan ýörelgelere goşmaçada 25-nji maddany düşündirmek üçin YHÖG-niň Düşündirişlerinde bellenen ýörelgelere hem şeýle garaljakdygy aňladylýar.

2. 12-nji maddanyň 2-nji bölüminiň düzgünlerine garamazdan, Türkmenistan tarapyndan Ýewropa birleşigine agza döwletler babatda ulanylýan roýalti tölegleri üçin pes möçber iki gezek salgyt salmak baradaky Konwensiýa laýyk gelýärkä, bu pes möçber (şol sanda nol möçber) hem şu Konwensiýanyň maksatlary üçin ulanylyp bilner. Emma, şu düzgün şu Konwensiýa güýje girenden soň bäş ýylyň tamamlanmagy bilen güýjüni ýitirýär.

Muňa güwä geçmek hökmünde, degişli derejede ygtyýarly edilen aşakda gol çekenler şu Konwensiýa gol çekdiler.

Wena şäherinde 2015-nji ýylyň 12-nji maýynda nemes, türkmen, rus, we iňlis dillerinde iki nusgada amal edildi, özi-de ähli dört nusganyň hem birmeňzeş güýji bardyr. Islendik nusgalaryň arasynda tapawutlar bolan halatda iňlis dilindäki nusga iş nusgasy bolup durýar.

| Awstriýa Respublikasynyň Hökümetiniň adyndan | Türkmenistanyň Hökümetiniň adyndan |
|---|---|
| Michael Linhart m.p. | Gurbanguly Berdimuhamedow m.p. |